**Tema : 5. Türkmenistanyň sosial-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklary. Türkmen jemgyýetiniň sosial düzümi.**

1. Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetin ösdürmekligiň täze modeli.
2. Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak.
3. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary.
4. Ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmekligiň esasy sepgitleri.

## Edebiýatlar:


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. A. 2016
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. 12 tomluk. A. 2008-2019.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow – Halkyň saýlany we ynam bildireni. A.2007
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. A. 2007
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Melhemler mekany. A.2011
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. A.2015
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan. A.2016
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregidir. I,II kitap. A., 2017, 2018
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan durnukly ösüş maksatlara ýetmegiň ýolunda, TDNG, Aşgabat, 2018.
10. Arkadagyň ajap eýýamy.A. 2017
11. Suwhanow N. we başgalar. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby – A.2011ý.
12. Baýramsähedow M. Gündogaryň beýik danalary. A.1992ý.
13. „Bilim hakynda“ Türkmenistanyň kanuny. A.2009ý.
14. Nuryýew Ý., Ataýew S., Çaryýew A.,Döwletiň we hukugyň nazaryýeti. Ýokary we orta hünär mekdepleri üçin gollanmasy okuw gollanmasy. A. 2011 ý.

**1.Türkmenistanda ýurduň ykdysadyýetin ösdürmekligiň täze modeli.**

Mälim bolşy ỳaly, belli bir jemgyỳetiň çäginde hatda ilkinji gul eỳeçilik döwletleri ỳa-da gadymy şäher döwletleri ỳaly jemgyỳeti edara etmegiň örän sada hem ỳönekeỳ gurallarynyň döremegi hem ençeme çylşyrymly meseleleri öz içine alỳar. Bilişimiz ýaly, her bir adam özüne ỳeterlik şahsy buỳsanja, mertebä, erkinlige eýe bolỳar. Ýöne belli bir jemgyỳetiň içinde ỳaşamak üçin ol özüniň aglaba köp duỳgularyny jylawlap, erkinlikleriniň belli bir möçberini meỳletin çäklendirip, öz şahsy bähbitleriniň belli bir mukdaryny jemgyỳetiň umumy bähbidiniň hatyrasyna pida bermeli bolỳar. Her günki alada bilen meşgul bolup ýören adamyň mysalynda bu ýerde ýüze çykýan ýagdaý aýdyň görünýär. Hakykatdan hem adam öz melleginiň çäginde diňe bir özi hojaỳynçylyk edip, özge biriniň öz eỳelik edỳän çägine hiç bir ỳagdaỳda aralaşmazlygyny isleỳän bolsa, onda jemgyỳetiň beỳleki agzalary bilen bilelikde ỳaşamak mejburylygy şahsyỳetden onuň eỳeçilik hukugynyň talaplaryny çäklendirmegi we eger-de ỳol ỳa-da suw akar ỳaly ỳap geçirmeli bolanda hem-de şuňa meňzeş tutuş jemgyỳetiň zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmaly ỳagdaỳlary ỳüze çykanda, onuň razylygyna-närazylygyna garamazdan onuň eỳeçiliginiň eldegrilmesizligini bozmaklyga, ỳagny serwituta (latynça servitus borç, borçnama, borçlylyk) mümkinçilik berỳär. Döwlet döredilende hem şu görkezilen halatlardaky ỳaly şahsyỳetiň we jemgyỳetiň bähbidini utgaşdyrmak bilen baglanyşykly ençeme çylşyrymly meselelerde altyn ortalygy tapmak zerur bolup durỳar. Şeỳle jygba-jyg ỳagdaỳlardan parasatly çykalga tapmak üçin bolsa döwletiň döredilỳän jemgyỳetiniň belli bir derejedäki kämillige ỳeten bolmagy hökmandyr. Sebäbi adamlaryň ilkidurmuş sürüsi hem özboluşly jemgyỳet bolup durỳar, emma özüni dolandyrmak üçin döwlet dolandyryş-häkimiỳetini emele getirmek ukyby bolan jemgyỳet bilen ilkidirmuş jemgyỳetçilik gurluşlarynyň arasynda ỳüz müňlerçe ỳyllar bilen ölçelỳän çuňňur taryhy gorp ỳatyr.

Öz halkymyzyň taryhy geçmişine ser salanymyzda türkmenleriň ata-babalarynyň dünỳäniň beỳleki halklaryna garanyňda jemgyỳeti kämilleşdirmek we şonuň netijesinde-de hukuk hem taryhy nazarỳetde “gündogar döwleti” diỳen adalga bilen aňladylỳan döwlet döretmek derejesine has irki döwürlerde ỳetendigine göz ỳetirmek bolỳar. Onuň mysaly hökmünde ýokarda garalyp geçilen, biziň eỳỳamymyzdan öň III müňỳyllygyň 1-nji ỳarymynda häzirki Ahal welaỳatynyň Kaka etrabynyň Mäne obasynyň golaỳynda dörän Altyndepe şäher-döwletini görkezse bolar. Deňeşdirmek üçin Afina, Sparta ỳaly gadymy grek şäher-döwletleriniň hem Altyndepeden müň ỳyla golaỳ wagt soň dörändiklerini bilýäris. Ynsanyỳetiň döwlet gurmak tejribesiniň gözbaşynda duran halkymyz döwletlilik, döwlet düşünjesini kämilleşdirmeklige hem saldamly goşandyny goşandyr. Sözümiz gury bolmaz ỳaly orta asyrlarda türkmenleriň döreden ençeme döwletlerini ỳadymyza salalyň. Seljuklaryň soltanlygyndan başlap taryh üçin gysga

wagtyň içinde ençeme döwletleri döretmegiň, olary berkitmegiň we asyrlaryň dowamynda şol döwletleriň Osman şalarşalygy ỳaly synmazlygyň hem kuwwatlylygyň nusgasy hökmünde saklanyp galmaklaryny üpjün etmegiň hötdesinden gelen ata-babalarymyzyň jemgyỳetçilik paỳhasyna, syỳasy ukyplaryna haỳran galỳarsyň. Taryhçylaryň aỳdyşy ỳaly: "Şu wakalary göreniňde, bir wagtlar, has takygy orta asyrlarda "türkmen täsinligi" bolupdyr diỳesiň gelỳär"

Türkmen jemgyỳeti asyrlaryň dowamynda özüniň ỳokary ahlaklylygy, jebisligi, medeniỳeti bilen tapawutlanyp gelipdir. Halk häkimiỳetlilik düşünjeleri biziň halkymyz mäkäm ornan düşünjeler bolmak bilen, ol düşünjeleriň döremegi taryhy köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaỳdỳar. Asyrlaryň dowamynda ençeme döwletler döredip, dünỳäniň ỳüzünde dürli jemgyỳetleriň emele gelmegine özüniň kesgitleỳji täsirini ỳetiren halkymyz hiç haçan döwlet dolandyryşyny amala aşyrmakda köre-kör dessurlara eỳermek nukdaỳnazaryndan ugur almandyr. Hemişe halkymyzda döwlet baştutanlarynyň saỳlawlylygy, halk ähmiỳetli wajyp meseleleriň halk köpçüligi bilen maslahatlaşylmagy däp hökmünde garalypdyr.

Muňa mysal hökmünde ata-babalarymyzyň han saỳlaỳyşlaryny, arçynlary we miraplary, serkerdeleri we serdarlary seçişlerini, gadymy döwrüň gurluş toỳlaryny, gurultaỳlaryny ỳatlalyň. Ýurt Ýolbaşçysynyň „Ynsanperwerlik, açyklyk, din erkinligi, beỳleki halklaryň medeniỳetine sarpa goỳmak, agressiỳany ỳek ỳigrenmek ỳaly ỳörelgeler türkmen häsiỳetiniň esasyny düzỳär“ diỳip nygtaỳan sözleri hem türkmen milli häsiỳetiniň iň anyk aňlatmasy bolup durỳandyr. Şu gadymdan gelýän milli häsiỳetler hem türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda ençeme döwletleri döredip, beýik millet hökmünde taryha girmegine getiripdir.

Türkmen halkynyň döwlet gurujylyk tejribesiniň täsirini biz, ýokarda açylyp görkezilen, garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynyň mysalynda hem görýäris. Şol ýyllarda türkmen milletiniň Garaşsyz döwleti döretmeklikde bitiren işleriniň käbirini ýatlalyň. Alty asyra çeken döwletsizlik döwründen, 70 ýyla çeken garaşlylyk zamanasyndan soň arzylanyp ýetilen Türkmenistan döwletiniň garaşsyzlygynyň we özygtyỳarlylygynyň taryhy barada söz açylanda, ilkinji nobatda ỳeriň ỳüzünde täze bir özygtyỳarly döwletiň dörändigini bütin dünỳä yglan eden, Türkmenistanyň döwlet özygtyỳarlylygy hakynda Jarnamadan başlaman bolmaz. Sebäbi 1990-njy ỳylyň 22-nji awgustynda kabul edilen bu Jarnamada türkmen halky öz erk-islegini beýan edip we öz ykbaly üçin jogapkärçilikden ugur alyp hem-de halklaryň öz ykbalyny özleriniň kesgitlemek hukugyny durmuşa geçirmäge çalşyp, Türkmenistanyň döwlet özygtyỳarlylygyny jar etdi. Bu Jarnamanyň täze türkmen döwletiniň döremeginde ähmiỳetini nygtamak bilen birlikde, hemmeler tarapyndan Türkmenistanyň özygtyỳarlylygynyň hem garaşsyzlygynyň ilkinji buşlukçysy hökmünde ykrar edilỳän, 1990-njy ỳylyň 24-nji maỳynda kabul edilen Türkmenistanyň Dil hakynda kanunyny hem görkezmek gerek. Çünki bu kanun halkymyzyň milli döwletliliginiň taryhynda täze bir sahypany açmak bilen, ilki Döwlet özygtyỳarlylygy hakynda Jarnamanyň kabul edilmegine we şonuň netijesinde-de Türkmenistanyň özygtyỳarly döwlet hökmünde halkara hukugynyň doly hukukly agzasy diỳlip ykrar edilmegine ýol açdy. Şonuň ỳaly-da, Garaşsyz türkmen döwletiniň emele gelmeginde esasgoỳujy wajyplygy bolan bu iki hukuk nama soňra, 1991-nji ỳylyň 27-nji oktỳabrynda Türkmenistanyň garaşsyzlygy we

döwlet gurluşynyň esaslary hakynda konstitusion kanunyň kabul edilmegi üçin zerur bolan syỳasy-hukuk şertlerini döretdiler. 1992-nji ỳylyň 18-nji maỳynda bu üç sany taryhy hukuk namalaryň tutuş mazmunyny özünde jemlän Türkmenistanyň Konstitusiỳasynyň kabul edilmegi bolsa türkmen döwletiniň emele gelmeginiň hem berkarar bolmagynyň birinji tapgyryny üstünlikli tamamlady hem-de 1995-nji ỳylyň 12-nji dekabrynda döwlet syỳasatynda ỳetilen täze bir üstünlige, ýagny Bitaraplyk derejesini almagyna getirdi. Şoňa görä-de ỳaş türkmen döwletiniň emele gelmeginiň we berkarar bolmagynyň gözbaşlarynda duran bu hukuk resminamalary milli türkmen döwletini döretmeklikde örän wajyp wezipeleri ýerine ýetirdiler. Şonuň bilen bir wagtda täze Galkynyş eýýamynda olaryň many-mazmunyny täzeden açmaklyk, olary seljerip hormatly Prezidentimiziň “Döwlet adam üçindir!” diỳen şygarynyň döwletimiziň mazmuny bilen berk baglanyşykda aňlamaklyk gerek boldy.

**2.Türkmenistanyň ykdysadyýetini we eksport kuwwatlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak.**

## Nebit we gaz

Häzirki wagtda uzynlygy 1840 kilometrine barabar Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirilijisiniň taslama-gurluşyk işleri güýçli depginde alnyp barylýar. Onuň 205kilometrlik türkmen böleginde gurluşyk işleri has-da guramaçylyk häsiýete eýedir. Bu geçirijiniň Owganystan – Pakistan çäginiň gurluşyk-taslama işlerine taýýarlyk görülýär. Bu taslama, esasan, iki tapgyrdaan ybaratdyr. Onuň 1-njisiniň çäklerinde turbageçijiden 5 mlrd.kub metr gaz akdyrmak meýilleşdirilendir. 2-nji tapgyrda - kompressor beketleri gurlandan soň, bu gaz geçirijiniň kuwwaty ýylda 33 mlrd.kub.metr gaza ýetiriler.

Türkmenistanyň çäginden döwlet Garaşsyzlygyndan öňki ýyllarda gurluşygy amala aşyrylaaaaan Orta Aziýa – Merkez gaz geçirijisi boýunça Russiýa gaz iberilýär. 2019-njy ýylyň 1-nji iýunynda “Türkmengaz” döwlet konserninden tebigy gazy satyn almak barada “Gazprom” bilen bäşýyllyk şertnama baglaşyldy. Häzir şol şertnama boýunça Russiýa gaz iberilýär.

Mary welaýatynyň çägindäki “Galkynyş” gaz ýatagy **dünýäniň iri känleriniň dörtlügine** girýär. Onuň Ýaşlar we Garaköl şahalary bilen bilelikde ätiýaçlyk gory 27 trillion kub metr gaza barabardyr. Bu iri ýatak tutýan meýdany boýunça 4 müň inedördül kilometr çäkde guýularyň 40-ny özüne birleşdirýär. Olaryň her haýsy gije-gündiziň dowamynda 2 million kub metr gaz çykarýar.

Ýurdumyzyň günorta gündogarynda – Lebap welaýatynyň çäginde täze Täjibaý ýatagy açyldy. Günbatar sebitden tapawutlylykda bu ýatakdaky gaz uly bolmadyk çuňlukda ýerleşýär. Ýene-de bir aýratynlygy,bu ýerde çykarylýan gazyň

düzüminde kükürtli wodorodyň ýoklugydyr. Munuň özi çyg maly özleşdirmäge sarp edileýän wagty we çykdaýjylary azaldýar.

Bilrmenleriň hasaplamalaryna görä Hazaryň türkmen böleginde ýataklaryň gorlarynda 12,1 milliard tonna nebit we kondensat hem-de 6,1 trillion kub metr gaz bar. Magtymguly we Diýarbekir ýataklarynda nebiri we gazy çykarmak işleri alnyp barylýr. Bu ýerlerde "Petronas Carigali (Türkmenistan)" (Malaýziýa) kompaniýasy degişli işleri alyp barýar. Bu kompaniýanyň maliýe serişdeleriniň möçberi 11 milrd amerikan dollaryna barabardyr.

Şeýlelikde , nebit pudagynda Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda, Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawadda täze önümler öndürilýär. Seýdi zawodynda benzol öndürilýär. Benzol dünýä bazarynda iň köp isleg bildirilýän polistriol hem-de kauçuk ýaly gymmatly önümleriň çid maly bolup hyzmat edýär. 23.10.2019 (Mugallymlar gazeti)

**3.Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary.**

Garaşsyzlyk ỳyllarynda jemgyỳetçilik ỳaşaỳşymyzyň we döwletimiziň işiniň ähli ugurlary boỳunça toplanan ägirt uly potensialy halkymyzyň abadançylygynyň hem-de döwletimiziň yzygiderli gülläp ösmeginiň hatyrasyna netijeli peỳdalanmak hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirỳän ähli özgertmeleriniň, şol sanda tutuş döwlet gurluşymyzy kämilleşdirmegiň hem baş maksady bolup durỳar. Milli döwletlilik binýatlaryny kämilleşdirip berkitmegiň zerurlygy döwletimiziň barha tizleşỳän depginlerde ösỳän ykdysadyỳetiniň, gün-günden işjeňleşỳän we bütin dünỳäde has giň meşhurlyga eỳe bolỳan daşary syỳasatynyň, dünỳäniň ençeme halklary bilen hemme taraplaỳyn peỳdaly hyzmatdaşlyga giren medeniỳetimiziň zerurlyklaryndan hem-de Beỳik özgertmeler zamanasynyň gaỳragoỳulmasyz talaplaryndan gelip çykỳar. Täze Galkynyş eýýamynda bu ýerde ýüze çykan meselelere ünsi çekip Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna" atly düýpli makalasynda: "...halkyň ruhy basganlarynda ähli zatdan ýokarda durýan gymmatlyklary döredýän halk üçin niýetlenen döwlet dolandyryş ulgamyny mümkin bolan derejede netijeli sazlamak wezipesi durdy" diýip belleýär.

Şeýle sazlaşygyň ýüze çykmaklygy üçin gerek bolan hukuk esaslary, ýokarda görkezilşi ýaly, Türkmenistanyň Easy Kanunynyň täze redaksiýasynda aýdyň beýan edildi. Bu ýerde jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy görkezildi. Adamy beýgeltmeklik bolsa milletiň döredijilik ukyplaryny açmaklyga gönükdirilýär.

Şu gönükmäniň netijeli bolmaklygy üçin döwlet häkimiỳet edaralarynyň ulgamyny kämilleşdirmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Täze Galkynyş eýýamynda jemgyỳetdäki syỳasy, ykdysady, medeni we gaỳry gatnaşyklaryň güỳçli depginler bilen çalt we yzygiderli ösýänligi sebäpli döwlet edaralarynyň şol gatnaşyklary dolandyryp, olary adamyň, jemgyỳetiň we döwletiň utgaşdyrylan bähbitlerini gazanmaklyga gönükdirmegiň möhümligi gelip çykỳar.

Şolary sazlaşdyrmak esasynda milli döwlet ýurduň maddy baýlyklaryny millete siňdirýär we onuň ruhy gazananlaryny rejeleýär. Ol milletiň öz durumuşyny içki taýdan gurnamagyň taryhy usuly bolup çykyş edýär. Hut milli döwletde milletiň ýaşaýyş ukyplary bir ýere jemlenýär. Şu işi amal etmeklikde döwlet ideologiýasy aýratyn orna eýe bolýar. Türkmen milleti täze Galkynyş eýýamyna girişende Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow şu gerekliligi göz öňünde tutup: „Biz...ösüşiň ýokary depginlerine götermek üçin beýik Galkynyş eýýamyny yglan etdik. Bu täze eýýam bizden durmuşyň ähli ugurlarynda çuň we giň özgertmeleri amala aşyrmagy talap edýär. Bu işleri amala aşyrmak üçin bolsa, bize döwrüň ruhyna laýyk gelýän, täze ýörelgelere esaslanýan döwlet ideologiýasy gerek“ diýip belleýär.

Täze ideologiýa täze döwürde milleti birleşdiriji, milleti ruhlandyryjy, milli aňy dörediji paýhas bolup çykyş etmeli. Bu wezipäni amal etmeklik üçin ideologiýanyň esasy ýörelgeleri adamlaryň ýüreklerine, göwünlerine we akyllaryna täsir edip, olary bir bitewiligе öwürmäge esas bolup hyzmat etmeli. Şeýle täsirliligi biz ýurt Ýolbaşçysynyň öňe süren „Döwlet adam üçindir!“ diýen şygarynda görýäris. Bu şygar özünde jemgyýetçilik ösüşine adam şahsyýetini çekmek, onuň döredijilik ukyplaryny açmak baradaky pikiri jemläp, adamlary bir umumylyga birleşdiriji paýhas hökmünde çykyş edýär. Hakykatdan hem bu çagyryş jemgyýetçilik ösüşi babatda häzirki zaman ideýasyny, bu işe adam şahsyýetini çekmek baradaky pikiri özünde jemleýär. Şolar hem täze Galkynyş eýýamynda milleti öňe alyp gidýärler.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýerde bar bolan meselä ünsi çekip: „Eger biziň ýurdumyzyň ynamly öňe gitmeginiň esasy syry gözlense, ony täze hakyky ýagdaýlaryň we halkyň asyrlarboýy dowam edip gelýän däp-dessurlarynyň galtaşýan ýerinden, hususan-da, olaryň döwletiň syýasy we ykdysady hasaplamalarynyň birleşýän ýerinden tapmak mümkindir“ 2 diýip belleýär. Diýmek, milleti öňe alyp gidiji güýç döwrüň talaplarynyň we türkmeniň asyl ruhy gymmatlyklarynyň sazlaşmagy esasynda döreýär. Şeýle sazlaşyga esas döretmeklik üçin biz ilki bilen halkyň asyl gymmatlyklaryny jemgyýete gaýtaryp getirmeli bolduk.

Bu iş Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda amal edilip başlandy. Ol ýyllar türkmen milletiniň durmuşynda bolup geçen özgerişler barada biz ýokarda durup geçipdik. Şol döwürde türkmen halky öz garaşsyz döwletini gurup, ilki bilen ata-babalaryndan galan medeni mirasy gaýtadan özleşdirip başlady. Türkmeniň dili, dini, däp-dessurlary täzeden dikeldildi. Milletiň pikirleniş örüsi giňäp, onuň dili baýlaşýar. Öz bitewi gymmatlyklary arkaly türkmen milleti täzeden berkäp, onuň döredijilik ukyby täzeden artyp başlady. Täze gymmatlyklary döretmek bolsa

türkmen milletiniň mundan beýläk hem millet hökmünde ýaşamaklygynyň esasy şerti bolup çykyş edýär.

**4.Ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmekligiň esasy sepgitleri.**

Öz taryhyny gadymyýyetden alyp gaýdýan türkmen halkyna ähli döwürlerde öz durmuş-medeni nusgasyny döretmeklik häsiýetli bolandyr. Täze Galkynyş eýýamynda türkmeniň asyl gymmatlyklary, däp-dessurlary esasynda milletiň medeniýet döredijilik ukybynyň artmaklygy aýratyn ähmiýete eýe boldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu işiň wajyplygyna we aýratynlygyna ünsi çekip: „Galkynyşyň tejribesi şol däp-dessurlary gönüden-göni täze döwre geçirmeli däl-de, olaryň dikeldilmegi üçin bütinleý täze şertleri öz ykdysady nusgamyzy onuň ähli tebigy-geografik we durmuş-psihologik taraplary bilen bileleikde emele getirmek arkaly döretmegi talap edýärdi“ diýip belleýär. Görşümiz ýaly, biziň döwrümizde ýurtda geçýän özgerişler köptaraply we özara baglanşykly prosesleri öz içine alýar. Özi hem biziň täze taryhymyzda şu özgerişleriň kesgitleýji ugry bolup umumyadamzat ösüşiniň ugry çykyş edýär.

Bu ýerde eger adamzat taryhyny ugrukdyrýan ok bar bolsa, onda türkmen taryhynyň hem şoňa goşulyşandygyny aýtsa bolar. „Şu oky, nemes filosofy K. Ýaspersiň aýtmagyna görä, adamyň hakyky adam bolmaklygyna mümkinçilik döredýän şertleriň kemala gelýän ýerinde gözlemeli...“ Şu gün hem öz manysyny saklaýan şu hili adamyň ýüze çykýan wagtyny K. Ýaspers „oklaýyn wagt“ diýip atlandyrýar.

Türkmenistanyň şertlerine şu hili „oklaýyn wagty“ häsiýetlendiräýmekligiň ýeňil däldigi düşnükli bolsa gerek. Ýöne şu günki türkmen ýurdunda geçýän özgerişleriň adamzadyň ösüş prosesine doly gabat gelýändigini welin bellese bolar. Täze Galkynyş eýýamynda türkmen milleti milli we umumyadamzat gymmatlyklaryny sazlaşdyrmaklyk esasynda öz ösüş ýoluny gözleýär. Şonda milletikň paýhasy ösen ýurtlaryň ösüş tejribesi bilen baýlaşdyrylýar, milletiň akyl ýaşaýşynda täze gözýetimler açylýar, milletiň pikir we duýgy dünýäsi giňelýär. Şonuň esasynda hem milletiň gymmatlyklarynyň täze ulgamy döreýär. Ykdysadyýetde hem, syýasatda hem, medeniýetde hem täze gymmatlyklaryň döreýänliginiň biz şaýady bolýarys. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna“ atly ylmy makalasy ýurtda geçýän özgerişleriň taglymat esasy bolup çykyş edýär. Bu taglymat ata-babalarymyzyň ýörän ýollaryndan gidip, öz döwrümiziň talaplary esasynda täze düýünjeleri, täze gymmatlyklary işläp düzmeklik üçin ylmy ýörelge bolýar. Bu hem türkmeniň mundan beýläk hem millet hökmünde dowamat boljakdygynyň kepili bolýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: “Parahatçylygyň we dürli halklaryň medeniýetiniň goşulyşmagynyň ýoly bolan Beýik Ýüpek ýoly

bir ýarym müň ýylyň dowamynda Türkmenistanyň üstünden geçdi” diýip belleýşi ýaly, bu gün taryh gaýtadan dikeldilýär. Her bir döwlet üçin ýol ulgamy şol döwletiň gan-damarydyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda gurulýan awtomobil, deňiz-derýa, howa, demir ýol ulgamlary diňe Türkmenistan döwleti üçin bähbitli bolman, Gündogar we Günbatar ýurtlary üçin hem derwaýysdyr. Türkmenistan häzirki wagtda ulag-üstaşyr geçelgeleriniň merkezi bolmak bilen, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwer daşary syýasaty netijesinde alys ýollar ýakynlaşyp, syýasy we ykdysady taýdan täze ösüşe eýe bolýandygyny beýan etmek, öwrenmek şu ylmy makalanyň maksady bolup durýar.

Türkmenistanyň Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky köpri bolup çykyş etmeginde Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti örän uludyr. Ýagny, Beýik Ýüpek ýoly ykdysady-medeni taýdan gündogardaky bäş siwilizasiýany (Müsür, Mesopotamiýa, Hytaý, Hindistan we Türkmenistan) baglanyşdyrýan kerwen ýolunyň zynjyrydyr. Ylmy çeşmeleriň tassyklamagyna görä, Beýik Ýüpek ýoly Hytaýy, Alynky Aziýany Ýewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýolunyň adydyr. Ony ilkinji gezek nemes alymy Ferdinand Rihthowen 1877-nji ýylda Ýüpek ýoly diýlip atlandyrýar. Bu adyň döremegi kerwen ýollarynda Hytaýdan Günbatara örän köp görnüşli harytlaryň, ylaýta-da, ýüpegiň daşalmagy bilen baglanyşyklydyr. Ýüpek ýoly çölleriň, düzleriň we daglaryň üstünden ençeme ugurlar boýunça geçipdir. Günorta ýol Hotan, Ýarkend, Balh, Zemm we Merw şäherlerini kesip geçipdir. Demirgazyk ýol Turfanyň, Kaşgaryň, Samarkandyň, Buharanyň, Amulyň üstünden düşüp, soňra ýene-de Merwe barypdyr. Şeýlelikde, Merw ençeme asyrlaryň dowamynda Orta Aziýanyň iň uly şäheri hasaplanylyp, halkara söwdasynyň esasy duralgasyna hem-de çatrygyna öwrülipdir. Ondan aňry Ýüpek ýoly Nusaýdan, Dehistandan, Eýranyň şäherlerinden, Bagdatdan aňry dowam edip, Ortaýer deňziniň duralgalaryna baryp ýetipdir we adatça Wenesiýada tamamlanypdyr. Şeýle-de sähra ýoly hem bolupdyr. Ol Hazar deňziniň demirgazygyndan aýlanyp gidipdir. Sähra ýoly Gürgençden (Köneürgençden) gaýdyşyna Wolganyň aşaky akymlaryna barypdyr, şol ýerde iki şaha bölünipdir, ýagny olaryň biri ilki Kawkaza Kiçi Aziýa, beýlekisi bolsa Gara deňziň demirgazyk kenar ýakasyna çykypdyr. Türkmenistan köp asyrlaryň dowamynda söwda, ykdysady, ýol ulgamynyň merkezi bolup, Aziýa we Ýewropa milletlerini medeni ykdysady, syýasy taýdan ýakynlaşdyryjy faktor bolupdyr. XXI asyrda bolsa Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeltmek ugrunda alyp barýan işlerine bütin dünýä şaýatlyk edýär. Bu babatda, Türkmenistan ulag ulgamynyň köpugurly düzümine eýedigini, ýagny awtomobil, howa, deňiz-derýa, demir ýollarynyň bolmagy bilen hem-de şu ýollar arkaly ýolagçylaryň gatnadylyşynyň, ýükleriň daşalyşynyň möçberleriniň yzygiderli artmagy milli ykdysadyýetimizde bu pudagyň paýy artýandygynyň görkezijisidir. Demir ýollar ýurdumyzyň günorta we günbatar çäklerinden goňşy Eýran döwletine we onuň üsti bilen Pars aýlagynyň ýurtlaryna, Ýuwaş umman sebitine, Uzak Gündogaryň döwletlerine örän amatly hem-de gysga ugur boýunça çykmaga mümkinçilik berýär. 1996-njy ýylyň 13-nji maýynda Sarahs — Maşat demir ýoly gurlup ulanmaga berildi. 2006-njy ýylyň

fewral aýynda uzynlygy 540 kilometr bolan Aşgabat ─ Garagum ─ Daşoguz demir ýolunyň gurluşygy tamamlandy. 2007-nji ýylyň 1-nji dekabrynda Demirgazyk ─ Günorta halkara geçelgesiniň örän möhüm demir ýoly Gazgystan ─ Türkmenistan ─ Eýran transmilli demir ýolunyň gurluşygyna dabaraly badalga berildi. Sanlyja ýyllarda amal edilen "Gazagystan ─ Türkmenistan ─ Eýran" transkontinental demir ýoly, bütindünýä demir ýolunyň taryhynda şanly waka boldy. Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hasan Ruhaniniň gatnaşmaklarynda Türkmenistanyň Balkan welaýatynyň Etrek etrabyndaky "Akýaýla" demir ýol menzilinde bu halkara demir ýolunyň açylyş dabarasy boldy. Bu ýoluň açylmagy "Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek" ugrunda alnyp barylýan beýik işleriň ilkinji gadamy boldy. Türkmenistan soňky döwürlerde halkara derejesinde ulag-aragatnaşyk pudagynyň ösüş meýilnamasynyň ara alyp maslahatlaşylýan merkeze öwrüldi. Halkara "Demirgazyk ─ Günorta" ulag geçelgesiniň "altyn halkasyny" alamatlandyrýan Gazagystan ─ Türkmenistan ─ Eýran demir ýoly Ýewropadan Merkezi we Günorta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogara ýükleriň amatly we tygşytly daşalmagyny üpjün edýär. "Demirgazyk ─ Günorta" geçelgesi boýunça ýükleri daşamak has amatlydyr. Bilermenleriň deslapky hasaplamalaryna görä, bu ulag geçelgesi boýunça ýük geçirijiligi ýylda 35-40 million tonna barabar bolar diýlip çaklanylýar.

2011-nji ýylyň 28-nji maýynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Atamyrat ─ Ymamnazar (Türkmenistan) ─ Akina ─ Andhoý (Owganystan Yslam Respublikasy) demir ýoluny gurmak hakyndaky Çarçuwaly ylalaşyga gol çekilipdi. 2013-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň, Owganystanyň we Täjigistanyň Prezidentleriniň üçtaraplaýyn duşuşygynyň barşynda türkmen paýtagtynda bu taslamany durmuşa geçirmek boýunça degişli Jarnama gol çekildi. "Türkmenistan ─ Owganystan ─ Täjigistan" halkara demir ýolunyň birinji tapgyry Atamyrat ─ Ymamnazar (Türkmenistan) ─ Akina (Owganystan Yslam Respublikasy) böleginiň gurluşyk işleri 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda Türkmenistanyň, Täjigistan respublikasynyň we Owganystan Yslam respublikasynyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda bu demir ýoluň gurluşygyna badalga berilip, 2016-njy ýylyň 28-nji noýabrynda açylyş dabarasy boldy. 2016-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda Hormatly Prezidentimiz Lebap welaýatyna iş saparynda bolanda Atamyrat ─ Ymamnazar halkara demir ýolunyň gurluşyk işlerine ýokary baha berdi. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: "Türkmenistan ─ Owganystan ─ Täjigistan" demir ýolunyň gurluşygy üç goňşy ýurduň umumy döredijilik maksatlaryna laýyk gelýän dostlukly we netijeli gatnaşyklara ygrarlydygynyň aýdyň nyşanydyr" diýip belledi. Şeýle hem bu möhüm taslamanyň durmuşa geçirilmegi Owganystany durmuş-ykdysady taýdan dikeltmäge, goňşy ýurdy sebit we halkara hyzmatdaşygyna giňden çekmäge ýardam eder. Sebit we sebitara gatnaşyklarynyň düzümlerini ösdürmegiň giňişlik görnüşindäki nusgasynyň esasy hökmünde transmilli ulag geçelgelerini döretmek wezipesiniň barha möhüm ähmiýete eýe bolýandygyny Hormatly Prezidentimiz 2016-njy ýylyň 11-nji noýabrynda ulag syýasaty boýunça geçirilen maslahatynda belläp geçdi.

Demir ýol pudagynda eýýäm iri taslamalaryň birnäçesi ýagny Eýranyň, Türkiýäniň, Ýakyn we Uzak Gündogaryň ulag ulgamyna iň gysga çykalgany açan Tejen — Sarahs — Maşat, Aşgabat — Garagum — Daşoguz demir ýolunyň, sebitiň örän iri suw ulgamy bolan Amyderýanyň üstünden geçýän Atamyrat — Kerkiçi demir ýol köprüsiniň we beýleki desgalaryň gurluşygy amala aşyryldy.

Amyderýanyň üstünden demir ýol we awtomobil köprüleri guruldy. 2009-njy ýylda Atamyrat — Kerkiçi demir ýol köprüsi ulanmaga berildi. 2013-nji ýylda Atamyrat — Kerkiçi awtomobil köprüsi ulanmaga berildi. 2013-nji ýylda Seýdi — Farap awtomobil köprüsi hem ulanmaga berilip, 2017-nji ýylyň 7-nji martynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň gatnaşmagynda Türkmenabat — Farap demir ýol köprüsiniň we Türkmenabat — Farap awtomobil köprüsiniň açylyş dabarasy boldy.

2013-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunyň düýbi tutuldy. Bu portuň gurluşygy dünýä ülňelerine laýyk gelýän tehniki enjamlar bilen üpjün ediler. Aýratyn bellemeli zat, bu deňiz porty Ýewropa ýurtlarynyň Ýakyn we Orta Gündogaryň haryt we çig mal bazarlaryna hem-de Hindi ummany sebitiniň döwletlerine çykmak üçin amatly şertleri döreder. Bu bolsa örän uly möçberli ýükleriň daşalýan aralygyny hem-de möhletini ep-esli gysgaltmaga mümkinçilik berer. Şeýle halkara derejeli ýollaryň gurulmagy halklary ykdysady, medeni taýdan biri-birine ýakynlaşdyrýar we dostlaşdyrýar. Ýurdumyzyň içerki ulag-aragatnaşyk pudagynda hem aýratyn öňe gidişlikler bar. Ýagny Aşgabat bilen Daşoguz aralygynda täze, örän oňaýly awtomobil ýolunyň gurlup ulanmaga berilmegi bu ugurda birnäçe ýeňillikleriň döremegine getirip, daş ýollary ýakynlaşdyrdy. Şol sanda bu ýoluň gurulmagy çöli özleşdirmek, onuň ugrunda ilatly ýerleri döretmek ýaly wezipeleriň hem ýerine ýetirilmegini üpjün edýär. Aşgabat — Mary — Türkmenabat aralygyndaky awtomobil ýolunyň hem durky täzelenip, onuň ugrunda birnäçe täze geçelgeler guruldy. Soňky bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda suw ulaglary arkaly ýük gatnawlarynyň möçberi 123 göterim artdy. Mundan başga-da şol ýyllar içinde ýük dolanyşygy 111 göterim, ýolagçy gatnawy 4 esseden gowrak ösdürildi. Diňe geçen ýyldan bärki netijeleri alyp göreniňde, Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy boýunça ýolagçy dolanşygynyň 37,6 göterim artandygyny görmek mümkin. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň deňiz söwda floty müdiriýetiniň binýadynda “Deňiz söwda floty” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti döredildi. Hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda ýasadylan 320 orunlyk, ýokary tizlikli “Çarlak” gämisi hem deňizde ýolagçylary gatnatmagy göwnejaý guramak babatda alnyp barylýan işleriň üstüni ýetirdi.

2014-nji ýylyň 3-4-nji sentýabr aýynda Aşgabatda ulag-üstaşyr geçelgesini döretmek ulgamynda ählumumy hyzmatdaşlyga bagyşlanan halkara maslahatyň geçirilmegi bu ugurda möhüm ädim boldy. Milli Liderimiziň alyp barýan syýasaty dünýä bileleşiginiň goldaýandygynyň, halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleriniň ykrarnamalarynyň mysallary, şeýle hem ýokary wezipeli ýolbaşçylaryň berýän bahasy arkaly göz ýetirmek bolýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasy

(ÝYK), BMG-niň Aziýa — Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we ýörite komissiýasy (ESKATO), Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Halkara awtomobil ulaglary bileleşi (IRU) hem-de Ýewropa — Kawkaz — Aziýa ulag geçelgesi boýunça (TRASEKA) hökümetara komisiýasy bilen birlikde guralan maslahatyň ýokary derejesi Türkmenistanyň Merkezi Aziýa üçin Modal ýoluny döretmek hakynda öňe süren başlangyçlarynyň giň goldawa eýe bolýandygynyň nobatdaky suwutnamasyna öwrüldi. Bu ugurda özara bähbitlere esaslanýan, abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän bilelikdäki iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirmek hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň baş ugurlarynyň biri hökmünde öz geografiki meýdanyny giňeldýär.

2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-nyň Baş Assambleýasy tarapyndan “Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan orny” atly Kararnama kabul edildi. Bu resminamanyň düzgünlerinde 2014-nji ýylyň sentýabrynda kabul edilen hem-de ulag we üstaşyr kommunikasiýalaryny ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşmäni kemala getirmegi göz öňünde tutýan Aşgabat jarnamasynyň esasy ugurlary öz beýanyny tapdy. Şunlukda 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň ulag we üstaşyr geçelgelerini döretmek barada hödürlän Kararnamasyny kabul etdi. Dünýäniň 85 döwleti bu Kararnamanyň awtordaşy boldy. Bu Kararnamanyň kabul edilmegi bilen döwletimizde uly işler ýerine ýetirildi.

Diýarymyzda ulag-aragtnaşyk ulgamynyň ýene-de bir pudagy Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň halkara derejede ösmegine aýratyn üns berilýär. “2012-2030-njy ýyllarda Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň milli maksatnamasyna” laýyklykda paýtagtymyzda we welaýatlarda täze howa menziliniň gurluşygy alnyp barylýar we ozal bar bolanlary döwrebaplaşdyrylýar. Gözel paýtagtymyz Aşgabat şäherinde 2016-njy ýylyň 17-nji sentýabrynda açylyp, ulanmaga berlen döwrebap halkara howa menzili bu ugurda alyp barýan uly işlerimiziň aýdyň mysalydyr. Bu desganyň binagärlik çözgüdiniň özboluşlylygy, bu ägirt uly howa menziliniň enjamlaşdyrylyşy we işiniň guralyşy üçin ähmiýetli halkara sylaglara mynasyp bolandygyny bellemek gerek. Şu ýylyň başyndan bäri Gurbansoltan eje şaýolunyň mekdep geçelgesinden demir ýol menziliniň günbatar tarapyna çenli 440 metr aralygy, N.Andalyp köçesiniň K.Balakaýew köçesinden G.Kulyýew köçesine çenli 1070 metr aralygy, şeýle hem Magtymguly şaýolunyň 1200 metrden gowragy, Bekrewe köçesiniň 720 metr aralygy doly abatlanyldy. Şeýle hem 6 sany ýerasty pyýada geçelgeleri guruldy. Şeýlelikde Ýewropa we Aziýa yklymlarynyň arasynda ýerleşýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan asudalygy, hoşniýetli we parahatsöýüjilikli daşary syýasaty bilen dünýä ýurtlarynyň ünsüni özüne çekýär. Döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzda halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek bilen baglanyşykly oňyn başlangyçlary dünýä jemgyýeti tarapyndan uly goldawa eýedir. Türkmenistan dünýäniň ulaglar ulgamyna işjeň girişmegi bilen Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça gurlan we Türkmenistanda ýol gurluşygynyň häzirki döwürde Ýewropa hem-de Aziýada ykdysady taýdan uly bähbidiniň boljakdygy açyp görkezmek, şonuň ýaly hem halkara söwdasynda ýükleri daşamakda has gysga ýollaryň amatly boljakdygyny açyp görkezmek bolup durýar.

Gadymy ýoluň ugrunda ýerleşen ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de dostlugyň berk köprüsini alamatlandyrýan ulaglar ulgamy aýratyn orna eýe bolup durýar. Bu ugurda esasy orun Türkmenistan döwletiniň paýyna düşýär. Beýik Ýüpek ýolunyň dikeldilmegi sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşini täze derejä götermäge, halklaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, ösüşiň gazananlaryny ulanmaga mümkinçilik berer. Türkmen halkymyzyň taryhy-medeni mirasy hasaplanýan bu ýoluň dikeldilmeginiň Berkarar döwletimiziň söwda aragatnaşygyny ösdürmek, goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlyk hem-de dost-doganlyk gatnaşyklaryny giňeltmekde galyberse-de, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda ähmiýeti uludyr. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli, paýhasly syýasaty, başlangyjy esasynda ýokarda agzalan mümkinçilikleri durmuşa geçirip, transmilli demir, awtomobil ýollary, döwrebap uçarlary we täze howa menzilleri, sebitde iri paromlary we beýleki mümkinçilikleri bolan halkara logistik merkezine öwrülýär.